# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

**Beg Mämmedow,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty*

# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SÖWDA GATNAŞYKLARYNDA ALUW-SATUW LOGISTIKASYNYŇ GELJEKKI ÖSÜŞ UGURLARY

Milli ykdysadyýeti bazar gatnaşyklaryna we innowasion-senagat tehnologiýalaryna geçirmekde, diwersifikasiýalaşdyrmakda uly işler amala aşyrylýar. Häzirki döwürde dünýäniň ykdysady gatnaşyklaryna işjeň goşulyşmak ugrunda möhüm işler durmuşa geçirilýär. Dünýäniň ykdysady ulgamyna ygtybarly goşulyşmak, bazar gatnaşyklaryny halkara derejede we kanunçylyk binýatly esasda ýola goýmak maksadyndan ugur alnyp, Türkmenistanyň daşary söwda gatnaşyklarynda aluw-satuw logistikasynyň ösüşine uly orun berilýär.

Türkmenistanyň Bütindünýä Söwda Guramasyna agza bolmagy bilen bagly meseleleri öwrenmek boýunça 2013-nji ýylda Hökümet topary döredildi. Topar BSG bilen hyzmatdaşlygyň milli bähbitlere laýyk gelýän ähli ugurlaryny içgin seljerdi. Şonuň ýaly-da, gurama agza ýurtlaryň tejribe, agzalyk üçin talap edilýän köptaraplaýyn söwda ylalaşyklary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk resminamalary düýpli öwrenildi [1, 13 s.].

Gahryman Arkadagymyzyň 2019-njy ýylda Birinji Hazar ykdysady forumynyň açylyşynda sözlän sözünde BSG-niň daşarky bazarlar bilen netijeli söwda gatnaşyklary ýola goýmak üçin adalatsyz bäsdeşlikden goraglylygy üpjün edýän hem-de düşnükli we aýan ýörelgelerde işleýän esasy halkara meýdançalaryň biri bolup durýandygy barada aýdanlaryny aýratyn nygtamak gerek. 2020-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda geçirilen “Türkmenistan we halkara guramalary: parahatçylygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” atly halkara maslahatda Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň dürli halkara maliýe edaralary, şol sanda BSG bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge taýýardygyny hem-de 2019-njy ýylda oňa agza bolmagyň kadalaryny we düzgünlerini öwrenmek boýunça alyp barýan işlerini güýçlendirendigini beýan etdi. Agzalyk bilen bagly işleriň netijesinde, şol ýylyň iýulynda Türkmenistana Bütindünýä Söwda Guramasynda synçy hukuk derejesi berildi. Marrakeş Ylalaşygynyň XII maddasyna laýyklykda, 2021-nji ýylyň noýabrynda biziň ýurdumyz bu halkara bileleşige goşulyşmak barada arza berdi. 2022-nji ýylyň fewralynda onuň Baş geňeşine agza ýurtlar tarapyndan Türkmenistanyň arzasy biragyzdan makullanyp, oňa “goşulýan ýurt” derejesini bermek kararyna gelindi.

Ýurdumyzyň Bütindünýä Söwda Guramasyna agza bolmagy bilen bagly işler “Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda”, “Türkmenistanyň 2021–2030-njy ýyllar üçin daşary söwda Strategiýasynda”, “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji

ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda” hem-de “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda” giňişleýin beýan edilýär. Maksatnamalara laýyklykda, BSG-niň bildirýän talaplaryny – daşary söwda düzgünlerini ýönekeýleşdirmek hem-de ýurdumyzyň milli bähbitlerini nazarda tutup, agzalyk üçin talap edilýän köptaraplaýyn söwda ylalaşyklaryny, şol sanda “Nyrhlar we söwda barada baş ylalaşyk”, “Söwda bilen bagly maýa goýum çäreleri boýunça ylalaşyk”, “Import söwdasyny ygtyýarlandyrmagyň tertibi boýunça ylalaşyk”, “Gorag çäreleri boýunça ylalaşyk”, “Hyzmatlaryň söwdasy boýunça baş ylalaşyk”, “Intellektual eýeçiligiň hukuklarynyň söwda ugurlary boýunça ylalaşyk”, “Jedelli meseleleri çözmegiň kadalary we düzgünleri babatynda düşünişmek”, “Söwda syýasaty synlarynyň usullary boýunça ylalaşyk” we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny baglaşmak göz öňünde tutulýar [2, 38 s.].

Daşary söwda gatnaşyklarynda ýene bir ähmiýetli waka – 2023-nji ýylyň aprel aýynda toplumyň sergisiniň geçirilýän günlerinde Halkara söwda merkezi tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasynyň goldamagynda, Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi bilen hyzmatdaşlykda Türkmenistanyň Söwda-maglumatlar portalynyň resmi taýdan işe girizilmegidir. Bu portalyň açylmagy Merkezi Aziýanyň bäş ýurdy – Türkmenistan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan we Özbegistan üçin serhetüsti söwda amallarynyň sanly ulgam arkaly elýeterliligine ýardam edýär. Munuň özi aluw-satuw logistikasynyň geljekki ösüşiniň täze ugrunyň – elektron hyzmatlaryň ähmiýetini has-da artdyrdy.

Üstünlikli durmuşa geçirilýän maksatnamalaryň netijesinde, söwda we hyzmatlar ulgamy diwersifikasiýalaşdyrylýar, düýpli özgertmeler amala aşyrylýar hem-de ähli ulgamlarda innowasiýalar giňden ornaşdyrylýar. Beýleki ulgamlar bilen birlikde, ösdürilmegi üçin ägirt uly maýa goýumlar gönükdirilýän söwda toplumy hem döwrüň talaplaryna laýyklykda özgerdilýär. Muňa Arkadag şäheriniň gurluşygynyň birinji tapgyrynyň çäginde Türkmenistanyň söwda toplumynyň düzüm birlikleri tarapyndan birnäçe desgalaryň gurlup ulanylmaga berilmegi hem aýdyň şaýatlyk edýär. Şolaryň hatarynda Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň buýurmasy esasynda gurlan söwda toplumyny mysal getirmek bolar. Söwda toplumynyň Arkadag şäheriniň ajaýyp binagärlik keşbine mynasyp goşantdygyny, olarda ilatyň ýokary hilli söwda hyzmatlaryndan peýdalanmagy, şäheriň myhmanlarynyň rahat dynç almaklary üçin zerur bolan mümkinçilikleriň ählisiniň döredilendigini aýtmak ýerliklidir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary esasynda dokma pudagynda hem ägirt uly özgertmeler amala aşyrylýar. Bu ugurda innowasion tehnologiýaly önümçilik düzümlerini döretmek, ýerli çig mal binýadynda bäsdeşlige ukyply dokma önümleriniň dürli görnüşleriniň möçberini artdyrmak babatda alnyp barylýan işler

buýsandyryjydyr. Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmegine dokma kärhanalary, hususan-da, pagta egriji, dokma, tikinçilik, gön önümlerini öndürýän kärhanalar hem saldamly goşant goşýarlar. Dokma pudagynyň önümçilik kuwwatlyklarynyň ýokarlanmagy milli harytlaryň öndürilýän möçberini artdyrmaga we hilini ýokarlandyrmaga, olaryň görnüşlerini giňeltmäge, ekologik taýdan arassa, bäsdeşlige ukyply önümlerimiziň diňe bir içerki bazarlarda däl, eýsem daşary ýurt bazarlarynda-da eýeleýän ornuny pugtalandyrmaga gönükdirilendir. Bu ugurda Garaşsyzlyk ýyllarynda ägirt uly işler amala aşyrylyp, ýokary netijeler gazanyldy. Häzirki döwürde “Gala”, “Ýeňiş”, “ADT”, “Goza”, “Wada”, “Nusaý”, “Bedew”, “Bürgüt”, “Arwana”, “Miras”, “Şypaly”, “Şapak”, “Eýjejik”, “Akpamyk”, “Merw”, “Jeýtun”, “Mäne” haryt nyşanly önümlere ilatymyz we daşary ýurtly sarp edijiler tarapyndan uly isleg bildirilýär.

Ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygyny ösdürmek babatda Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasyna wajyp orun degişlidir. Eksport-import amallaryny düzgünleşdirmek boýunça wezipeleri ýerine ýetirýän Döwlet haryt-çig mal biržasy öz işini döwrüň ösen talaplaryna laýyk kämilleşdirmek maksady bilen, maddy-tehniki binýadyny berkitmek, elektron tehnologiýalary ornaşdyrmak, birža tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak we elýeterliligini üpjün etmek ugrunda yzygiderli işleri amala aşyrýar. Biržanyň alyp barýan işleri haryt dolanyşygynyň artdyrylmagyna we çaltlandyrylmagyna gönükdirilip, bir tarapdan, ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň eksportynyň artdyrylmagy, beýleki tarapdan, içerki bazary halkyň sarp edýän harytlary, önümçilik-tehniki ähmiýetli önümler, ykdysadyýetiň dürli pudaklaryny döwrebaplaşdyrmaga niýetlenen enjamlar bilen üpjün etmek onuň strategik wezipesidir. Birža söwdalarynyň üsti bilen ýurdumyzda öndürilýän harytlar dünýäniň onlarça döwletine eksport edilýär.

Häzirki wagtda dünýä döwletleriniň köpsanlysy, hususan-da, Aziýa we Ýewropa döwletleri Türkmenistanyň söwda hyzmatdaşlary bolup durýar. Ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynda eksportyň paýynyň artmagy, importyň düzüminiň kämilleşdirilmegi milli ykdysadyýetiň ösmegine oňyn täsirini ýetirdi. Munuň özi, esasan, içerki önüm öndürilişiniň ösmegi bilen bagly bolup durýar. Daşary söwda işini düýpli diwersifikasiýalaşdyrmakda ýurdumyz geoykdysady, tebigy-serişde, önümçilik-ykdysady babatda giň mümkinçiliklere eýe. Daşary söwdany diwersifikasiýalaşdyrmak, bir tarapdan, iberilýän hem-de import edilýän harytlaryň we hyzmatlaryň düzümini kämilleşdirmek, beýleki tarapdan bolsa, daşary söwdada hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny alyp barýan ýurtlaryň sanyny artdyrmak arkaly amala aşyrylýar. Şonuň üçinem oňyn daşary ykdysady syýasatyň netijesinde, hyzmatdaşlar, şol sanda abraýly halkara guramalar we maliýe institutlary bilen deňhukukly, özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Bu gatnaşyklar Türkmenistanyň daşary söwda gatnaşyklarynda aluw-satuw logistikasynyň geljekki ösüş ugurlarynyň esasylarynyň biridir [3, 11 s.].

Bütindünýä Söwda Guramasy bilen hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirmek maksadyndan ugur alnyp hem-de gurama agza bolmak bilen bagly Daşary söwda düzgüni barada Ähtnamany işläp düzmek boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň 2023-nji ýylyň 2-nji iýunynda çykaran Kararlary esasynda Maliýe we ykdysadyýet ministrliginde Bütindünýä Söwda Guramasy bilen hyzmatdaşlyk bölümi döredildi. Häzirki wagtda bu Ähtnamany işläp düzmek boýunça degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen bilelikde zerur işler alnyp barylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2023-nji ýylyň sentýabr aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň çäklerinde Bütindünýä Söwda Guramasynyň Baş direktory hanym Ngozi Okonjo-Iweala bilen duşuşygynda Türkmenistanyň halkara durmuşa işjeň gatnaşyjy döwlet hökmünde deňhukukly, özara bähbitli hyzmatdaşlygy, şol sanda gyzyklanma bildirýän daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge taýýardygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyz dünýä ykdysadyýetiniň pandemiýadan soňky dikeldiş döwrüne gadam basylýan häzirki döwürde yzygiderli ösüşi gazanmak üçin has açyk, netijeli halkara ykdysady gatnaşyklary ýola goýmagyň zerurdygyny öňe sürdi. Bu bolsa ýurdumyzyň BSG bilen hyzmatdaşlygy has-da berkitmäge ygrarlydygyny görkezýär.

Guramanyň “goşulýan ýurt” hukuk derejesine eýe bolunmagy milli ykdysadyýetiň sazlaşykly ösüşini, daşary söwda gatnaşyklarynda eýeleýän ornunyň berkidilmegini, köptaraply hyzmatdaşlygyň giňeldilmegini, daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegini şertlendirýär. Türkmenistanyň BSG-ä agza bolmagy ykdysadyýetiň okgunly ösdürilmegine, ýurduň halkara söwdadaky ornunyň pugtalandyrylmagyna, öndürilýän içerki önümleriň dünýä bazarlaryna üstünlikli çykarylmagyna, köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine, daşary ýurt maýa goýumlarynyň has işjeň çekilmegine, bazar özgertmeleriniň ygtybarly we netijeli dowam etdirilmegine ýardam berer. Gurama bilen hyzmatdaşlyk ýerli önümçilikleri ösdürmäge, eksportyň möçberini artdyrmaga, öndürilýän harytlaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, şeýle hem bazar özgertmeleriniň netijeli durmuşa geçirilmegini üpjün etmäge goşant goşar.

Türkmenistan Fransiýa Respublikasynyň Pariž şäherinde ýerleşýän Halkara sergiler býurosyna agzalygynyň çäklerinde bu gurama bilen netijeli hyzmatdaşlygy alyp barýar hem-de Bütindünýä “EKSPO” sergilerine işjeň gatnaşýar. Şunda Katar döwletiniň Doha şäherinde geçirilen “EKSPO – 2023” halkara sergisine gatnaşmagy, Ýaponiýanyň Osako şäherinde geçiriljek “EKSPO – 2025” Bütindünýä sergisine ýurdumyzyň öz milli pawilýony bilen ýokary derejede gatnaşmagyny üpjün etmek üçin guramaçylyk işleriniň alnyp barylýandygy bellenilmäge mynasypdyr. Munuň özi ýurdumyzyň ähli ulgamlarda gazanan üstünliklerini dünýä ýaýmakda, daşary söwda gatnaşyklarynda aluw-satuw logistikasynyň gerimini giňeltmekde uly mümkinçilikleri açýar.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I–II tom. – A.: TDNG, 2010.
2. Türkmenistanyň 2021–2030-njy ýyllar üçin daşary söwda Strategiýasy. – A., 2021.
3. *Ataýew G. we başg*. Halkara ykdysady guramalar. – A.: TDNG, 2019.



**Çynar Baýramdurdyýewa,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty*


# TÜRKMENISTANYŇ HALKARA YKDYSADY GATNAŞYKLARYNYŇ ÖSÜŞI

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň” we “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça Maksatnamasynyň” wezipelerine laýyklykda, Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty ählumumy strategik möhüm gural hökmünde dünýä we sebit döwletleri, şeýle hem abraýly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge gönükdirilendir. Döwletiň milli ykdysadyýetiniň diwersifikasiýa ýoly bilen alnyp barylmagy we ulgamda ýokary tehnologiýalaryň we sanlylaşdyrma prosesleriniň ýaýbaňlandyrylmagy global ykdysady giňişligine we umumydünýä hojalyk gatnaşyklaryna işjeň goşulyşmagyna güýçli itergi berýär.

Türkmenistan milli ykdysadyýetiň çalt depginler bilen ösýän şertlerinde dünýäniň dürli döwletleri bilen ýokary tehnologiýaly pudaklarda hyzmatdaşlyk etmäge, häzirki zamanyň öňdebaryjy bilimlerini we dolandyryş çözgütlerini ornaşdyrmaga uly ähmiýet berýär. “Türkmenistanyň 2020–2025-nji ýyllar üçin daşary ykdysady işiniň ösüşiniň Maksatnamasyny”, “Türkmenistanyň 2021–2030-njy ýyllar üçin daşary söwda strategiýasyny” we söwda, ykdysadyýet hem-de maýa goýumlar ulgamlaryna degişli resminamalardan gelip çykýan çäreleri hem-de taslamalary amala aşyrmak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Bu babatda milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşine we ilatynyň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna ýardam berýän oňyn halkara şertleri döretmek, dünýäniň hojalyk gatnaşyklaryna işjeň gatnaşmak, daşary ykdysady hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek, iri maýa goýumlaryny ýurdumyza çekmek ýaly wajyp wezipeler ileri tutulýar.

2022-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Döwlet maslahatynda eden çykyşynda belleýşi ýaly, 2022–2028-nji ýyllarda Döwlet býujetiniň serişdeleri durmuş-ykdysady ösüş strategiýany durmuşa geçirmegiň esasy ugurlaryna, ykdysadyýetiň innowasion